# Adyny siz goýuñ

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa
написано kitapcy | 22 января, 2025
Adyny siz goýuñ **Gülälek Begjanowanyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




07.11.2018 ý.
Ynsan durmuşy gaty çözülmesi kyn bir düwün. Käbirimiz şol düwüni çöşläp başymyza köp muşagat gazansak käbirimiz onyň asla barlygynada pitiwa edemzok. Häzirki zaman jemgyýetinde zenan-erkek gatnaşyklary gaty kyn çözülmeýän meseleleriň biridir.
Dünýä standartyna kybap ýaşamaga, medeni, ylym bilim taýdan ösýän aňrybaş tehnikalara erk edýän bolsagam biz zenanlar nämedir bir zatlardan mydama zeýrenip ýaşaýas.
Oýlanyp görýäň welin, ojakda ot ýakyp, guýudan suw çekip, ýer depip adamysyny 5 ýyl urşa göyberen zenanlarymyz nädip ýaşadyka?!.
Käbir maşgalalaryň ujypsyz zatlar üçin aýrylşýanyny görüp pikire batýan… Hany ol polatdan çydamly, mähek daşy ýaly zenanlarymyz?…
Köp ynsanlar bilen gürrüňdeş bolýanym üçin bu zatlar meniň gözüme şeýle batýamyka? Ýogsam hemme kişi şu jemgiýetde ýaşaýa hemmede meniň gorýän zadymy görýä ähbetin.
Arada bile okaýan gelnimiziň gözlerini ot ýaly gyzardyp aglap gelip durşuny görüp dogrusy bir bela sataşaýdymyka diýdim. Biraz köşeşensoň näme bolanyny soranymda berlen jogaba agzym

açyldy…
Nämemiş adamsy aýalyny gaty gabanýamyş, dar köýnek geýme diýenmiş… Şu ýerde aglamaga degýän zat barmy?elbetde ýok çünki aýalyny gabanmaýan erkekden erkek bolmaz. Dogry ähli zadyň çeni gowy ýöne iyjegiňi öňüne getirip geýjegiňi tapýan bolsa elbetde erkek kişi oz hökmüni ýöreder asyl bu tebigatyň kanuny ahyry. Dogry ýersiz ýere gabanylýan bolsa onda men lal bolardym. Sebäbi häzirki wagtda aýalyny hut öz mähremini pul tapmak üçin nirelere ýollaýan erkekler bar. Birde şu hakda oýlanyp görüň…
Erkekler bilen deň hatarda zenanlar hem şu gabanjaňlyk zerarly başyna muň bela sataşdyrýanlary bar. Ýönekeý mysal aýdaýynmy…
Obamyzda şeyle bir gelin bar, Aýna diýseň Aýna, hakyt gözelligiň ýere iberlen görnüşi, ýöne ol adamsyny gabanan wagty onuň ýagdaýny görüň-dä: agzynda ot çabraýan aždarha däldir oytmersiň. Mydama äriniň yzynda sergezdandy, sähel gijä galaýsa, adamsynyň dostlarynyň hemmesine jaň edip çykýardy. Telefon diýen zatdana adamsy ber bizardy ýalňyşyp dagy jaň geläýse şol öýde so gün 3-nji jahan urşy turýady. Öýüne gelen mahaly adamsyny ysyrgap durşy edil yzçy itiň barda. Netijede näme boldy bilýäňizmi: adamsy edil gözüne basyp ikinji gezek öylenip öýüne getirip ýaşady. Haýran galaýmaly ýerem hut şo gelniň garyndaşyna…
Gabanjaňlyk gowy zat herki zadyň öz çägi ýagşy… Zenanlarymyzyň gabanjaňlygy käte hut öz janlaryndan geçmägede getirýän halatynam gördüm. Bu zatlary görüp oýlanýan zadym ynsan bir azat jandar Allatagalla-da belki şonuň üçin bizi haýwandan tapawutly edip bize aň düsünje akyl berendir. Zenan-erkek tapawudy ýok haýsyny berkräk gysarsyň welin edil çäge ýaly barmaklaryň arasynda dökülüp eliň boş galar. Siz ynsanyň ynsabyna höküm edip bilmersiňiz etjek adam göz açyp yumar salymda etjegini edýär. Bunuň üçin özüňi horlap öz psihologiýaňy zaýalamak, nerw öýjükleriňi boş öldürmek gerek däl.
Eger maňlaýda ýazgyt bolsa ol asla sizden aýrylmaz ýazgyt bolmadyk kişini saklamak samsyklykdyr. Çünki gitjegi hiç wagt saklap bolmaýar.

Daş ýerden mysal getirmäýin hut öz gelnejem agamy şeýle gabanýady. 17 ýaşynda durmuşa çykyp durmuşuň heniz agyny garasyny saýgarmanka hamyla boldy. Gözellik erkek kişini özüne çekýän bolsady, onda şol gelnejem agam bilen hiç aýrylmazdylar belki. Mydama ýanynda bolonsoň ýagdaýynada men belendim. Gepi uzaltmaýyn gepiň kelte ýeri gelnejem agamy gaty gabanýady şol öýe gelmese gelnejem ikimize uky haramdy, sagat 2 bolsun 3 bolsun tapawudy ýok, haçan agam geler, ons9ň rahat ýatardy. Mydama yzçy ýaly yzyny sürüp ýörmekden ýadamazdy. Göwreli halyna ýagyş,garda ýörite agama jaň etmek üçin goňşy köçä gidip gelerdik.(ol wagt el telefonlary gaty azdy). Dogry men bärde agamyňky dogry diýemok, oňky gaty ýalňyşdy özem göwreli wagty ilkinji göwrede ony ýalňyz taşlamagy, ygyp-tozup ýörmegi gaty ýalňyşdy. Ýöne başda aýdyşym ýaly çägäni ýumruk bilen hem saklap bolmaz. Netije näme bilýäňizmi?!
Netijede gelnejemiň oguljugy boldy, ýöne 3-4 günden kän ýaşamady. Agam bolsa goňşy obadan başga bir gyza oýlendi… Bu ýazgyt tankytlamak meniň hakym däl. Ýada meniň elimdäki zadam däl. Buwagt gelnejem basga birine çykdy, agamyňam 5 sanyogly bar.
Size iň ýönekeý ýene bir mysal obamyzda «jalaý»diýilýän bir adam bardy bizden 15 ýaş dagy uly.
Onuň gelnine görkezmedigi görde galan bolaýmasa ýerde galanok. In gyzykly ýerem şeýle adamlara gaty näzik zenanlar sataşaýýar. 15 ýyllyk durmuşy boýunça içgidir humar, aýalbazlyk garaz hemme zada bulaşan bu adamyň gelni misli gahryman. Çünki şol görkezilen kemsitmelere, taýaga, horluga dözen bir gezegem adamsyna sen şeýdipsiň diýmedik gelniň durmuşy häzir nähilli bilýäňizmi?!
Edil düýn şol adam şol gelniniň doglan güni üçin sowgat alyp gelýänini,o sowgady gyzjagazy bilem gizläp gelnini begendirjekdigini aýdanda men zenana tagzym etdim. Zenan ata baba aýdylyşy ýaly «äri är edýändir».
Näme üçin şol gelin 15ýyl horluga döz gelipdir… Olam aýrylyp gidibermeli. Elinde işi islän ýerinde oňar çagalarynam oňarar… Ýöne şol çagalaryna kakan erbet diýip bilmändir. Belki söýendir, belki-de bu sylagdyr… Belki-de bu synag.

Men erkek bol zenan bol hiç kimiň kemsidilmegine razy däl ýöne maşgalada eýle beýle zatlara göz ýumaýmaly sebäbi bir höwürtgäni gurmak gaty kyn emma göribiň atan birje kiçijek şyltak daşy ähli zady 1sekuntda ýok edip biler.
Gabanjaňlyk bu bir kesel, ýerlikli gabanjaňlyk hökmany,ýöne ynanyň gabanjaňlygyň ýakymlysy hem bolýar. Buny ýeke zenanlardan soraň, ýeke erkeklerden soraň. Ýöne hijem gabanjaňlyk zerarly öýlerde uruş galmagal bolmasyn. Wyždanynda ýok adama ynsap satyn alyp bilmersiňiz. Bolmadyk mertebe bilen hem namys gözlejek bolmaň.
Meniň hiç kime akyl bermek niýetim asla. Ýöne öz pikrimi siz bilen paýlaşdym, siziňem pikirleriňizi bilmek isleýän. Nukdaýnazar